**Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň redaksiýasy tarapyndan 2025-nji - “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak” ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” (“Туркменистан – Родина мира и доверия”) atly rus dilinde makala ýazmak boýunça geçirilýän bäsleşigiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan Diýarymyzda Watanymyzy kuwwatly döwlete öwürmegiň röwşen ýolunda beýik geljegimize gönükdirilen tutumly işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ýurdumyz durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşlere, belent özgerişlere eýe bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il bähbitli, ýurt ähmiýetli belent maksatlary ýaş nesiller üçin görelde mekdebi bolup hyzmat edýär.

Ýaşlary ata-babalarymyzyň ynsanperwer ýörelgesi esasynda milli ruhda terbiýelemek, olaryň watansöýüjilik, agzybirlik, jebislik duýgularyny, ata Watanymyza, merdana halkymyza bolan buýsanjyny has-da ösdürmek, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli mirasymyza, edebi we taryhy şahsyýetlerimize, ruhy-ahlak gymmatlyklarymyza goýýan sarpasyny ýaýbaňlandyrmak hem-de talyplaryň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmak maksady bilen, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň redaksiýasy bilen bilelikde guramagynda 2025-nji - “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak” ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Türkmenistan - parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” (“Туркменистан – Родина мира и доверия”) atly rus dilinde makala ýazmak boýunça bäsleşik yglan edilýär.

## Umumy düzgünler

Şu Düzgünnama döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlary höweslendirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” (“Туркменистан – Родина мира и доверия”) atly rus dilinde makala ýazmak bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini öz içine alýar.

Bu döredijilik bäsleşigi türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary esasynda we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda alnyp barylýan tutumly işleriň mynasyp waspyny ýetirýän, olary çeper beýan etmegi başarýan zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga gönükdirilendir.

**Döredijilik bäsleşiginiň maksady**

- Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaşlaryň arasynda döredijilik bäsleşiklerini yzygiderli geçirmek barada tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasyndan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda alnyp barylýan tutumly işleriň mynasyp waspyny ýetirýän, olary çeper beýan etmegi başarýan, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak;
- döredijilik bilen meşgullanýan talyplaryň başarnyklaryny ösdürmek;
- ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda döredijilik hyzmatdaşlygyny we dürli hünärlerde okaýan talyplaryň makala ýazmak başarnyklaryny ösdürmek.

**Döredijilik bäsleşiginiň wezipesi**

- talyplaryň döredijilik bilen işjeň meşgullanmaklaryna itergi bermek;
- ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň özara döredijilik hyzmatdaşlygyny ösdürmek.

**Döredijilik bäsleşigine hödürlenilýän makalalar aşakdaky şertler esasynda bahalandyrylýar:**

- makalanyň mazmunynyň açylyp görkezilişi, maglumatlaryň takyk we aýdyň beýan edilişi;
- täsirlilik, diliň çeperçilik serişdeleriniň dogry hem ýerlikli ulanylyşy;
- makalanyň tekstiniň grammatik hem-de stilistik taýdan sagdynlygy;
- awtoryň öz şahsy pikirlerini we garaýyşlaryny beýan edip bilşi.

**Döredijilik bäsleşigini guramagyň we geçirmegiň tertibi**

- döredijilik bäsleşigine ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary gatnaşyp bilerler;
- döredijilik bäsleşigine gatnaşmaga isleg bildirýän awtor baradaky maglumatlar (gatnaşýanyň ady, familiýasy, bilim alýan ýokary okuw mekdebi, hünäri, okaýan ýyly we telefon belgisi) makalanyň ahyrynda doly görkezilmeli;
- döredijilik bäsleşigine awtoryň öň hiç ýerde çap edilmedik 1 makalasy “Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” (“Туркменистан – Родина мира и доверия”) atly makala ýazmak bäsleşigine» diýen ýazgy bilen hödürlenilmeli;
- makala talybyň okaýan ýokary okuw mekdebiniň elektron salgysyndan ýa-da awtoryň şahsy elektron salgysyndan “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň elektron salgysyna (neytralnyturkmenistan-gazeti@sanly.tm) ýa-da Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň (turkmenuniwersitetitdu@gmail.com) elektron salgysyna iberilmeli;
- makalalar 2025-nji ýylyň 17-nji martyndan 2025-nji ýylyň 30-njy noýabryna çenli kabul edilýär;
- bäsleşigiň netijeleri baradaky maglumatlar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň resmi web saýtynda (tdu.edu.tm) ýerleşdirilýär.

**Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak**

- bäsleşige hödürlenen işler Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlaryndan we “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň redaksiýasyndan düzülen emin agzalary tarapyndan seljerilýär hem-de eminler topary tarapyndan berlen ballaryň esasynda ýeňijiler kesgitlenilýär;
- makala bäsleşiginiň jemi boýunça Baş baýrak we 1-nji, 2-nji, 3-nji orunlar bellenilýär. Emin agzalarynyň çykaran çözgüdi gutarnyklydyr.
- döredijilik bäsleşiginiň ýeňijileri 2025-nji ýylyň dekabr aýynda yglan edilip, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we “Neýtralnyý Turkmenistan” gazetiniň redaksiýasynyň hormat hatlary hem-de Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy tarapyndan ýadygärlik sowgatlary bilen sylaglanylýar.

**Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: 38-61-18**